**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2025-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky**
**№ 88-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№20-saglyk "Saglygy goraýyş edaralarynyň ulgamy we işleri barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

Saglygy goraýyş edaralaryny ulgamy we işleri baradaky ýyllyk döwlet hasabaty Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli edaralaryň işi we düzümi barada Aşgabat şäheriniň, Arkadag şäheriniň we welaýatlaryň saglygy goraýyş müdirlikleri düzýärler.

№20-saglyk döwlet statistik hasabatlylygyň formasy 2 görnüşde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine: býujet we hojalyk hasaplaşygy görnüşi boýunça berilýär. Hasabata welaýatyň, şäheriň çäginde ýerleşýän we hasabat ýylynyň ahyrynda hereket edýän Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ähli edaralary barada maglumatlary goşulýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi – Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabatlary Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine – martyň 1-ne.

Aşgabat ş., Arkadag ş. we welaýatlaryň Saglygy goraýyş müdirlikleri, öz hasabatlaryny keseliň bejeriş - öňüni alyş we Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy, şypahanalaryň, çagalar öýüniň, öý internatlaryň, merkezi tabynlykdaky edaralaryň, işgärleri taýýarlaýyş edaralaryň we hassahana merkezleriň hasabatynyň esasynda düzülýär.

Watançylyk urşunyň maýyplygy bolan adamlar üçin hassahanalar baradaky maglumatlar, hassahanalara degişli ähli bölümlere goşulýar.

Şypahanalar boýunça edaralarda, ýylyň dowamynda işleýän edaralaryň umumy sany barada maglumatlar görkezilýär.

Hasabat ýylynyň dowamynda ýapyk edaralar boýunça hasabatyň degişli bölümlerinde diňe işiň görkezijileri girizilýär (gatnaw, orun gaznasynyň işi we ş.m.)

Ýylyň ortaça hasabyndan orunlaryň sany baradaky maglumatlar bitewi sanlar bilen görkezilýär, gatnamalaryň sany we näsaglaryň geçiren günleri baradaky maglumatlar onluga çenli (0,0) takyk möhletde görkezilýär.

## 1 BÖLÜM.
## HASSAHANALARDA GEÇIRILEN IŞLER

Bölümde welaýatyň, şäheriň we merkeziň tabynlykdaky ähli ýatymlaýyn bejeriş edaralary barada maglumatlar görkezilýär.

1-nji sütüniň 10-njy setirinde 01-07-nji; 08-nji; 09-njy setirleriň jemi görkezilýär.

Ýylyň ahyryna ýaýbaňlandyrylan orunlaryň sanyna (2-nji sütün) : doguma taýýarlanan otaglaryň we bäbekler üçin orunlar, göwreli we dogurjak aýallar üçin hassahanalaryň şahamçasynyň bölümlerinde ýaýbaňlandyrylan (oňa garamazdan ýöriteleşdirilen bölümlerde wagtyndan öň bolan we näsag bäbekler üçin orunlar, olar baradaky maglumatlar orun gaznasynyň düzümine girýän bolsa); ene mähri merkezlerinde eneler üçin orunlar; wagtlaýyn orunlar (goşmaça) we epidgaznasynyň hasabynda durýan orunlar görkezilmeýär.

8-nji we 9-njy sütüne "lukmanlara gatnamalaryň sanawyna" - stomatolog lukmanlaryna gatnamalar goşulmaýar, olar 5-nji bölümde «Stomatologiýa gullugy» görkezilýär.

**2 BÖLÜM.**
**ŞÄHER SAGLYK ÖÝLERIŇ WE BEÝLEKI ILKINJI SAGLYGY GORAÝYŞ KÖMEGI BERÝÄN EDARALARYŇ IŞLERI**

Bu bölüme, ýatymlaýyn bejeriş hassahana edaralaryna degişli bolmadyk, özbaşdak ilkinji saglyk kömegini berýän edaralar baradaky maglumatlar görkezilýär.

2-nji we 3-nji sütünleri doldurmak üçin, №1-saglyk formany 2-nji bölümi esas bolup durýar.

**3 BÖLÜM.**
**GÜNDIZLEÝIN ÝATYMLAÝYN BEJERLIŞ BERÝÄN BÖLÜMLERIŇ IŞI**

Bu bölümi doldurmak üçin №1-saglyk formanyň „Bejeriş – keseliň öňüni alyş edaralaryň işi barada hasabat" birnäçe görkezijileri esas bolup durýar. (1.3 bölümçe).

**4 BÖLÜM.**
**TIZ KÖMEK GULLUGYNYŇ IŞI**

Bölümde özbaşdak we beýleki edaralaryň düzümine girýän „Tiz kömek" edaralarynyň sany we işi barada maglumatlar görkezilýär.

Bölümiň 1-nji setirinde Tiz kömegiň ähli merkezleri we bölümleri görkezilýär. Doldurmak üçin maglumatlar №1-saglyk formaň 6-njy bölüminden alynýar.

**5 BÖLÜM.**
**STOMATOLOGIÝA GULLUGY**

1-nji sütüniň 01-05-nji setirlerinde stomatologiýa edaralaryň sany we stomatologiýa bölümleri, otaglary bolan edaralaryň sanyny hasaba almaly, ýöne bu edaralaryň bölümleriniň (otaglaryň) sanyny hasaba almazdan.

2-nji sütüniň 01-04-nji setirleri №1-saglyk formanyň 2.6-njy bölümçesiniň 01-nji setiriniň maglumatlary esasynda doldurylýar.

**6 BÖLÜM.**
**ARASSAÇYLYK WE KESELLERIŇ ÝAÝRAMAGYNA GARŞY GÖREŞMEK GULLUGY**

Bölümiň 02-05-nji setirleriniň jemi 01-nji setirde görkezilýär. 06-njy setir boýunça diňe aýratyn howply ýokanç keselleriň öňüni alyş merkezi we onuň bölümleri görkezilýär.

07-nji setirde 01+06-njy setirleriň jemi görkezilýär.

**7 BÖLÜM**
**ŞYPAHANALAR**

Bölümde,Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli ähli şypahana edaralary barada maglumatlar getirilýär.

Hasabat ýylynda hereket edýän edaralarda hakyky ýaýbaňlandyrylan ýerleriň sany 2-nji we 3-nji sütünlerde görkezilýär.

**8 BÖLÜM.**
**HASABAT ÝYLYNYŇ AHYRYNA ÇAGALAR ÖÝLERI, MAÝYPLYGY BOLAN WE GARTAŞAN ADAMLAR, ÇAGALAR ÜÇIN ÝÖRITELEŞDIRILEN ÖÝLERI**

Bölümiň 01-nji setirini doldurmak üçin №25 pudagara ulanýan «Garrylar we maýyplar öý-internatynyň işi barada hasabat» esas bolýar.

02-nji setirinde ýöriteleşdirilen çagalar öýüniň işleri barada maglumatlar görkezilýär.

03-nji setirde çagalar öýleriniň işleri barada maglumatlar görkezilýär.

## 9 BÖLÜM.
## ÇAGALAR ÖÝLERINDE WE ÝÖRITELEŞDIRILEN ÇAGALAR ÖÝLERINDE BAR BOLAN ÇAGALARYŇ SANY, JYNSY WE ÝAŞY BOÝUNÇA HEREKETI

9-njy bölümde terbiýelenýän çagalar barada görkezijiler 8-nji bölümiň degişli görkezijileri bilen arabaglanyşykly bolmaly: Ähli sütünler boýunça 01-nji we 03-nji setirleriň maglumatlarynyň jeminden 05-nji setiriniň maglumatlary aýrylyp 14-nji setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

Ähli sütünler boýunça 02-nji we 04-nji setirleriň maglumatlarynyň jeminden 13-nji setiriniň maglumatlary aýrylyp 15-nji setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

Ähli sütünler boýunça 06-12-nji setirleriň maglumatlarynyň jemi 05-nji setiriniň maglumatlaryna deň bolmaly.

Çagalaryň ýaşy boýunça (ýaşy dolan) düzümi baradaky maglumatlar 3-20-nji sütünlerde görkezilýär. 3-20-nji sütünleriň maglumatlarynyň jemi ähli setirler boýunça 1-nji sütüniň maglumatlaryna deň bolmaly.

21-nji sütünde 20-nji sütünden gyzlar görkezilýär.

1-nji sütüniniň 14-nji setiriniň maglumatlary hasabat ýylynyň ahyryna terbiýelenýänleriň sany görkezilýär hem-de 8-nji bölümiň 3-nji sütüniň 02-nji we 03-nji setirleriniň maglumatlarynyň jemine deň bolmaly.

## 10 BÖLÜM.
## SAGLYGY GORAÝYŞYŇ BEÝLEKI EDARALARY

Bu bölümde 1-2-nji we 4-nji bölümlere girmeýän edaralar goşulýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**